# Modaçyl ýigide

Category: Goşgular,Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Modaçyl ýigide

MODAÇYL ÝIGIDE

*"Käbir adamlar akylly-başly maslahat berseň tersine düşünýärler. Ugruna kowup ýaňsa alsaň düzelibem gidýärler".*
**Atamyň aýdanlaryndan**

Äriň äre, zenanyňam zenana
Meňzemegi öňden gelýän kadadyr.
Ýöne saňa sada bolmak hakynda
Akyl bere-bere agzym ýadady.

Isle ösdür sakgal bilen murtuňy,
Isle syr saçyňam goşup düýbünden.
Aslynda seň bilen kimiň işi bar,
Hasap soraýan ýok bu gün düýnüňden.

Sen erkekmi, ýa zenanmy, parhy ýok,
Seljerjek seljerer gören badyna.
Tapanyňy petdeläp sow nyrhy ýok,
Haý-haýly modanyň ojar oduna.

Äýnek dak, gözüňi görmesin hiç kim,
Haýwandan parhsyz bol çykaňda köçä.
Gyzlary göreňde lak atyp geçgin,
Ulyny äsgerme, ýumruk ber kiçä.

Jinsi jalbar bogup dursun baldyryňy,
Başarsaň dirikäň dyzyňy epme!
Barmaklarňy oýnap altyn ýüzükli,
Gepläňde diliňem aýnadyp geple.

Dişlerňi sogurdyp tylladan oturt,
Ýa platinadan oturtsaňam bor.

Ýylgyrañda az görünse şol dişler
Agzyñy birneme ýyrtsañam bor.

Çilim çek, içip gör zäher guýsalar,
Ölmeli bolsa-da öl allanäme!
Saña tüýs modaçyl ýigit diýseler,
bolýa-da näme?!

* * *

Artyp barýar şahyrlaryñ hatary,
Kyssaçylar… ş., m., ş., m.,… başgalar…
Oña derek az indi
has beteri,
gowy-gowy hekaýalar, goşgular

Abdyreşit TAŞOW.

Goşgular